«TASSYKLAÝARYN»
Türkmen döwlet medeniýet
institutynyň rektory
A. Aýdogdyýew
___________2026 ý.

**2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi we Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli Türkmen döwlet medeniýet institutynyň yglan eden «Şan-şöhraty dünýä dolan bedewim!» atly döredijilik bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen teatr we kino sungatynyň ösmegi üçin iňňän uly işler durmuşa geçirilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ylma we çeper döredijilige höwesli ýaşlaryň täze nesli kemala gelýär. Şunuň bilen birlikde, dramaturgiýa we kinossenariý ugrundan döwrüň üstünliklerine mynasyp seslenjek ussatlary kemala getirmek häzirki zaman teatr we kino sungatynyň wekilleriniň, bu ugurda bilim işini amala aşyrýan edaralaryň öňünde möhüm wezipe bolup durýar.

Türkmen döwlet medeniýet instituty 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýip atlandyrylmagy bilen baglylykda we Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli, şu şygaryň manysyny açyp görkezmek, şeýle hem türkmen bedewi bilen baglanyşykly gadymdan gelýän däp-dessurlarymyzy wagyz etmek, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek ýörelgeleriniň esasynda institutyň talyplarynyň arasynda pýesa we kinossenariý ýazmak boýunça döredijilik bäsleşigini yglan edýär.

1.1. Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyplarynyň gatnaşmagynda geçirilýän bäsleşigiň düzgünnamasy (mundan beýläk, Düzgünnama) bäsleşigiň maksadyny we wezipelerini, oňa gatnaşyjylara bildirilýän talaplary, bäsleşigi geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

1.2. Düzgünnamanyň ýerine ýetirilmegine Türkmen döwlet medeniýet institutynda hereket edýän jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, ylym bölümi we aktýoryň ussatlygy we sahna dili kafedrasy jogap berýärler, olar guramaçylyk topary hökmünde bellenen işleri alyp barýarlar.

1.3. Bäsleşik boýunça tapawutlanan işler Mollanepes adyndaky Talyplar teatrynda sahnalaşdyrmak üçin hödürleniler we olar baradaky maglumatlar institutyň resmi saýtynda ýerleşdiriler.

## II. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

2.1. Bäsleşigiň maksady:

- Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlaryň zehin-ukybyny has-da kämilleşdirmek, degişli hünär ugrunda bilim alýan talyplaryň döredijilik mümkinçiliklerini artdyrmak, olary höweslendirmek;

- 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýip atlandyrylmagy bilen baglylykda, şu şygaryň manysyny açyp görkezmek, şeýle hem türkmen bedewi bilen baglanyşykly gadymdan gelýän däp-dessurlarymyzy wagyz etmek, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemek.

2.2. Bäsleşigiň wezipeleri:

- Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň ahalteke bedewleri baradaky eserlerini edebi esas hökmünde peýdalanmak arkaly sahna eserleriň mazmunyny baýlaşdyrmak;

- dramaturgiýa boýunça zehinli ýaşlary ýüze çykarmak;

- talyp ýaşlary çeper döredijilige işjeň çekmek.

## III. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ WE OŇA GATNAŞMAGYŇ ŞERTLERI

3.1. Bäsleşigi geçirmegiň we oňa gatnaşmagyň şertleri ýörite bildiriş arkaly institutyň resmi saýtynda (tdmi.edu.tm) mälim edilýär.

3.2. Bäsleşige hödürlenilýän işler aktýoryň ussatlygy we sahna dili kafedrasynda 2026-njy ýylyň 11-nji martyndan 10-njy apreline çenli hasaba alynýar.

3.3. Bäsleşige tabşyrylýan eserler öň sahnalaşdyrylmadyk (pýesa) we surata düşürilmedik (kinossenariý) bolmaly.

3.4. Eserleriň harp ululygy 14-lik, setirarasy 1 ölçegde we Times New roman şriftinde ýazylan bolmaly.

3.5. Her awtora 1 eser bilen şu bäsleşige gatnaşmaga hukuk berilýär.

3.6. Awtoryň familiýasy, ady, okaýan hünäri, ýyly baradaky maglumatlar aýratyn faýlda görkezilmelidir.

3.7. Bäsleşik 2026-njy ýylyň 25-nji aprelinde jemlenilýär.

## IV. BÄSLEŞIGIŇ EMINLERI

Bäsleşige hödürlenilen işlere mynasyp baha bermek üçin, guramaçylyk topary tarapyndan eminler saýlanylyp alynýar. Eminler toparynyň agzalary hakynda bäsleşik jemlenende mälim edilýär. Bäsleşigiň eminleri özbaşdak işleýärler we olaryň netijeleri gutarnykly hasap edilýär.

## V. BÄSLEŞIGIŇ ÝEŇIJILERINI SYLAGLAMAK

Bäsleşigiň emin agzalary tarapyndan iň gowy pýesa üçin 1-nji, 2-nji we 3-nji orunlar, şeýle hem iň gowy kinossenariý üçin 1-nji, 2-nji we 3-nji orunlar saýlanýar. Bäsleşigiň ýeňijileri türkmen bedewiniň baýramy mynasybetli çäreleriň çäklerinde Türkmen döwlet medeniýet instituty tarapyndan sowgatlar we hormat hatlary bilen sylaglanylýar. Şeýle-de işjeň gatnaşan awtorlara höweslendiriji baýraklar gowşurylýar.